Täjigistanyň häkimiýetleri energetika ulgamyny giň gerimde döwrebaplaşdyrmagy dowam etdirýärler, bu bolsa energetika garaşsyzlygyna we gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň netijeli ulanylmagyna gönükdirilendir. 18 uly döwlet taslamasynyň durmuşa geçirilmegi meýilleşdirilýär. Olaryň umumy bahasy 1,7 milliard dollar. **Bu barada AVESTA neşiri habar berýär.**

Ileri tutulýan taslamalaryň arasynda elektrik stansiýalarynyň gurluşygy we täzelenmegi, oba sebitleriniň elektrikleşdirilmegi, elektrik energiýasynyň ýitgisini azaltmak üçin infrastruktura döwrebaplaşdyrylmagy bar. Mundan başga-da, hasaplaşyk ulgamlaryny ornaşdyrmak we täze elektrik geçiriji liniýalary döretmek meýilleşdirilýär.

Geçen ýyl respublikanyň prezidenti Emomali Rahmon häzirki wagtda Täjigistanyň energetika garaşsyzlygyna ýetmek üçin işjeň işleýändigini nygtady. Ol ýurduň esasy wezipesiniň häzirki wagtda ähli elýeterli çeşmeleri, şol sanda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini netijeli ulanmakdygyny belledi.

Все права защищены